Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— TÜRKMENISTAN HALKARA JEMGYÝETÇILIGIŇ DÜNÝÄDE HYZMATDAŞLYK, ÖZARA HORMAT GOÝMAK WE BIREK-BIREGIŇ BÄHBITLERINI NAZARA ALMAK ÝÖRELGELERINI BERKARAR ETMÄGE GÖNÜKDIRILEN TAGALLALARYNA IŞJEŇ GATNAŞÝAR.

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 291 (31560). 2025-nji ýylyň 5-nji noýabry. Çarşenbe.



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARYNA IŞ SAPARY BAŞLANDY

**AŞGABAT — WAŞINGTON, 4-nji noýabr (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa — ABŞ» formatyndaky sammite gatnaşmak üçin iş sapary bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna ugrady. Aşgabadyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny yzygiderli durmuşa geçirýär. Şol strategiýada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň oňyn başlangyçlary mynasyp dowam etdirilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň çakylygy boýunça «Merkezi Aziýa — ABŞ» formatyndaky sammite gatnaşmagy hem munuň aýdyň mysalyna öwrüler.

Türkmenistany hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny özara hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan köpýyllyk gatnaşyklar baglanyşdyrýar. 1992-nji ýylda ýurtlarymyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursadyndan bäri bu dialog yzygiderli ösdürilip, syýasatdan we ykdysadyýetden başlap, ynsanperwer hyzmatdaşlyga çenli ugurlaryň giň gerimini öz içine alýar. Iki döwletiň arasyndaky syýasy hyzmatdaşlyk oňyn häsiýete eýedir. Her ýyl geçirilýän ikitaraplaýyn syýasy geňeşmeler bilelikdäki meseleleri ara alyp maslahatlaşmak hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin netijeli meýdança bolup hyzmat edýär. ABŞ Türkmenistanyň BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine ýokary baha berip, oňa Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygyň möhüm şerti, öňüni alyş diplomatiýasynyň guraly hökmünde garaýar.

«Merkezi Aziýa — ABŞ» formatyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň üsti ýetirilýär. Formatyň ykdysadyýet, energetika, daşky gurşawy goramak boýunça iş toparlarynyň çäklerinde taraplar sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmek we umumy meseleleri çözmek üçin bilelikde täze çemeleşmeleri işläp taýýarlaýarlar.

Özara gatnaşyklaryň gün tertibinde söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk aýratyn orny eýeleýär. Şunda 2008-nji ýyldan bäri iki ýurduň telekeçilik düzümleriniň arasynda gatnaşyklary berkitmekde netijeli mehanizm bolup durýan «Türkmenistan — ABŞ» işewürlik geňeşiniň alyp barýan işiniň möhüm ähmiýetini bellemek gerek. Soňky ýyllarda ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk hem işjeň ösdürilýär. Munuň özi iki ýurduň medeni, bilim ugurly alyşmalary ilerletmäge ygrarlydygyny tassyklaýar. 2023-nji ýylda bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi bu ugurda yzygiderli iş alyp barmak üçin berk binýady döretdi.

...Birnäçe sagatdan soňra, hormatly Prezidentimiziň uçary Waşington şäheriniň Andrews Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň resmi adamlary hem-de Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalary mähirli garşyladylar.

Hormatly Prezidentimiziň ABŞ-a iş sapary dowam edýär.

---

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Milli baýram — Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy beýan etmäge şatdyryn.

Pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň dostlukly halkyna bolsa gülläp ösüş hem-de rowaçlyk arzuw edýärin.

*Haýsam bin TARIK,*
*Omanyň Soltany.*

---

## *Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni mynasybetli geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergä we maslahata gatnaşyjylaryň* ÝÜZLENMESI

***Çuňňur hormatlanylýan***
***Türkmenistanyň Prezidenti!***

Gurluşyk we senagat toplumynyň güni mynasybetli «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergä we maslahata gatnaşyjylara iberen çuň many-mazmunly Gutlagyňyz, mähirli arzuwlaryňyz, şeýle hem bu forumyň ýokary derejede, netijeli geçmegi babatda döreden mümkinçilikleriňiz üçin Size sagbolsun aýdýarys. Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gülläp ösmegi, dünýäde parahatçylyk, dost-doganlyk, hoşniýetlilik ýörelgeleriniň pugtalandyrylmagy, toplumyň ähli pudaklarynyň ösdürilmegi we düýpli kämilleşdirilmegi ugrunda edýän tagallalaryňyzyň elmydama rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

***Belent mertebeli***
***Türkmenistanyň Prezidenti!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň uly rowaçlyklara beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen halky mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygyny giňden baýram etdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan syýasy, ykdysady, medeni ugurlarda asyrlara barabar ösüşlere ýetdi. Kuwwatly ykdysadyýeti, kämil durmuş ulgamy bolan, çalt depginler bilen ösýän, dünýä bileleşiginde uly abraýa eýe döwlete öwrüldi. Bu döwürde amala aşyrylan beýik işleriň ählisi türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Siziň adyňyz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Siziň başlangyçlaryňyz bilen durmuşa geçirilýän özgertmeler milli ykdysadyýetiň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda, gurluşyk we senagat toplumyna degişli pudaklaryň hem ösüşiniň depginini ýokarlandyrdy, munuň özi halkyň rowaçlygyny üpjün etmekde uly ähmiýete eýedir.

Siziň baştutanlygyňyzda häzirki döwürde Türkmenistanda gurluşyk we senagat toplumynda ýokary derejede alnyp barylýan işler, geçirilýän giň gerimli forumlar, maslahatlar, sergiler we beýleki köpugurly çäreler döwletiň parahatçylyga, döredijilige, ösüşe gönükdirilen syýasatyny Ýer ýüzünde giňden dabaralandyrýar. Şu ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň, sentýabr aýynda Türkmenistanyň maýa goýum forumynyň hem-de «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara serginiň we maslahatyň uly üstünliklere beslenip geçirilmegi hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Halkara sergi türkmen ykdysadyýetiniň gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklarynda, şäher-gurluşyk maksatnamasyny ýerine ýetirmekde gazanylan guwandyryjy üstünlikleri, halkara we milli derejede amala aşyrylýan iri taslamalary, geljekki meýilnamalary giňden açyp görkezmekde uly ähmiýete eýe boldy. Onda türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan başy başlanyp, Siziň baştutanlygyňyzda mynasyp dowam etdirilýän ykdysady özgertmeler, ýurduň dünýäniň senagat taýdan ösen döwletleriniň hataryna goşulmagy ugrunda durmuşa geçirýän maksatnamalaryňyz, halkyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin alnyp barylýan ägirt uly işler aýdyň şöhlelendi.

***Hormatly Türkmenistanyň Prezidenti!***

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, gurluşyk we senagat toplumynyň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak hem-de sanly ulgama geçirmek, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler üstünliklere beslenýär. Täze obalardyr şäherler, iri senagat kärhanalary, medeni-durmuş maksatly desgalar yzygiderli gurulýar. Nobatdaky sergide-de ýurduň ykdysadyýetiniň barha kuwwatlanmagyna mynasyp goşandyny goşýan gurluşyk we binagärlik, senagat, gurluşyk önümçiligi, energetika pudaklarynyň, himiýa senagatynyň, ýol gurluşygy ulgamynyň, halk hojalygynyň beýleki pudaklarynyň, türkmen telekeçileriniň gazanan üstünliklerini, geljekki ösüş ugurlaryny görkezýän ekspozisiýalar giňden ýaýbaňlandyryldy. Gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklarynda öndürilýän milli önümleri giňden tanyşdyrmakda netijeli meýdança öwrülen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi Siziň baştutanlygyňyzda türkmen halkynyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygyny bütin aýdyňlygy bilen görkezdi. Bu halkara serginiň we maslahatyň hyzmatdaşlary Garaşsyz Türkmenistanyň durmuş-ykdysady mümkinçilikleri, gurluşyk, senagat pudaklarynyň kuwwaty bilen tanyşdyrmakda, hyzmatdaşlygy has-da ösdürmekde, dost-doganlygy berkitmekde, döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklary ilerletmekde ähmiýeti örän uludyr.

***Çuňňur hormatlanylýan***
***Türkmenistanyň Prezidenti!***

«Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara serginiň we maslahatyň üstünlikli geçmegi babatda beren goldaw-hemaýatlaryňyz, döreden giň mümkinçilikleriňiz üçin Size ýene-de bir gezek sagbolsun aýdýarys. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz belent, ähli işleriňiz elmydama rowaç bolsun!

Sizi çuňňur hormatlamak bilen,

***Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni mynasybetli geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergä we maslahata gatnaşyjylar.***

---

HEPDÄNIŇ WAKALARY

## WATANYMYZYŇ YKDYSADY ÖSÜŞI — HALKYMYZYŇ ABADAN DURMUŞYNYŇ BINÝADY

***Geçen hepdäniň wakalarynda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlup, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän, ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda durnukly ösüşi gazanmaga, ýurdumyzyň sebitlerini toplumlaýyn ösdürmäge, halkymyzyň durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň bähbidine hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen syýasat aýdyň beýanyny tapdy.***

31-nji oktýabrda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi. Şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynyň deslapky makroykdysady görkezijileri durnukly ösüş häsiýetine eýe boldy. Jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 1,7 göterime, gurluşykda 8,1 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,4 göterime, söwdada 9,7 göterime, oba hojalygynda 5,2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,3 göterime deň boldy. 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 10,1 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy. Hasabat döwründe bölek satuw haryt dolanyşygy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 13 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 9,2 göterim ýokarlandy. Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasynyň 100 göterim, çykdajy böleginiň meýilnamasynyň 96,3 göterim ýerine ýetirilmegine garaşylýar.

Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2024-nji ýylyň degişli döwrüne görä, 11,9 göterim ýokarlandy. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 3,7 göterim artdy. Şeýle hem Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýerine ýetirilen işler baradaky maglumatlar beýan edildi.

Hormatly Prezidentimiziň garamagyna geljek ýyl üçin Döwlet býujetiniň we Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de maýa goýum Maksatnamasynyň taslamalary hödürlenildi. Döwlet býujetiniň taslamasy «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan» ugur alnyp işlenip taýýarlanyldy. Baş maliýe meýilnamasynyň taslamasynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ykdysadyýetiň pudaklaryny, welaýatlary, Aşgabat we Arkadag şäherlerini ösdürmäge maýa goýumlaryň gönükdirilmegi meýilleşdirilýär. Hormatly Prezidentimiz bu resminamanyň möhüm ähmiýetini nygtap, Döwlet býujetiniň taslamasyny Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna ibermek hakynda degişli hata gol çekdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalarynyň çäklerinde şu ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemlerini jemläp, onuň netijeleriniň Garaşsyz Watanymyzyň üstünlikli ösýändigini görkezýändigini belledi. Ykdysadyýetiň pudaklarynda özgertmeler üstünlikli dowam edýär. Önümçilik pudaklary yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Täze kärhanalary gurmaga we bar bolanlaryny döwrebaplaşdyrmaga uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiz jemi içerki önümiň durnukly ösüş

(Dowamy 2-nji sahypada).

# BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,

HEPDÄNIŇ WAKALARY

# WATANYMYZYŇ YKDYSADY ÖSÜŞI — HALKYMYZYŇ ABADAN DURMUŞYNYŇ BINÝADY

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

depginine kanagatlanma bildirdi. Şunuň bilen birlikde, nebitgaz, söwda, ulag-aragatnaşyk toplumlarynda, oba hojalyk pudagynda netijeli işleriň durmuşa geçirilýändigi aýdyldy. Ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, medeniýet ulgamlarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär. Daşary syýasatymyz parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk kadalaryna berk eýermek esasynda amala aşyrylýar. Häzirki wagtda täze senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş we saglyk merkezleriniň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki desgalaryň gurluşyklary dowam edýär.

Mejlisiň ahyrynda döwlet Baştutanymyz Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýüzlenip, deputatlaryň halkymyz bilen maslahatlaşyp, täze, 2026-njy ýyla at bermek hem-de onuň nyşanyny kesgitlemek boýunça degişli teklipleri taýýarlamalydygyna ünsi çekdi.

1-nji noýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň on aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Şeýle-de Garaşsyz Watanymyzyň howpsuzlygyny hem-de asudalygyny üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny, işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak, sanly ulgamy, döwrebap tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak, harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

2-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, ýurdumyzyň senagat taýdan ösüşinde we üstaşyr mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmeginde täze tapgyryň açylýandygyny alamatlandyran dabaraly çärelere gatnaşdy. Türkmenbaşy etrabynyň çäginde karbamid öndürýän toplumyň gurluşygyna girişilmegi, Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň düýbüniň tutulmagy, Esenguly etrabynda agyz suwuny arassalaýjy desganyň, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylmagy mynasybetli dabaralar şolaryň hataryndadyr.

Döwlet Baştutanymyz Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününiň öňüsyrasynda geçirilen dabarada çykyş edip, Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler barada durup geçdi hem-de olaryň ýurdumyzy senagatlaşdyrmakdaky, üstaşyr geçirijilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrmakdaky ähmiýetini belledi. Esenguly etrabynda agyz suwuny arassalaýjy desganyň sanly ulgam arkaly geçirilen açylyş dabarasynda bu desganyň ilatyň arassa agyz suw üpjünçiliginiň binýadyny berkitjekdigi nygtaldy. Çünki adamyň saglygy ýurdumyzyň iň gymmatly baýlygydyr. Bir gije-gündiziň dowamynda 20 müň kub metr deňiz suwuny arassalaýan desga 8 gektar çäkde ýerleşip, onda Ýewropanyň iň döwrebap, ýokary hilli tehnologiýalary ornaşdyrylandyr. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda döwrebap suw desgalary gurlup ulanmaga berilýär.

Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň açylyp ulanmaga berilmegi Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi hökmünde Türkmenistanyň eýeleýän ornunyň barha pugtalanýandygynyň aýdyň güwäsi boldy. Ýurdumyzyň ýol-ulag düzümini döwrebaplaşdyrmak boýunça işleriň çäklerindäki bu taslama türkmen gurluşykçylary bilen bilelikde «Altkom» jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti tarapyndan ýerine ýetirildi. Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedine barýan awtomobil ýolunyň ugrunda gurlan bu döwrebap köprüsiniň umumy uzynlygy 354 metre deňdir. Iki gatnawly, iki sany hereket zolagyndan ybarat bolan awtomobil köprüsiniň ini 21 metr bolup, oňa eltiji ýollaryň umumy uzynlygy 2 müň metre deňdir. Ýurdumyzyň içerki ýol-ulag ulgamyny kämilleşdirmegiň çäklerinde gurlan köpri goňşy döwletleriň arasynda söwda we haryt dolanyşygyny giňeltmäge, ýük daşalyşyny, ýolagçy gatnadylyşyny artdyrmaga hem ýardam eder.

Täze awtomobil ugry Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň, Eýranyň, Hindistanyň deňiz, demir ýol, awtomobil ulaglary arkaly daşaýjylar we Demirgazyk we Günbatar Ýewropa ýurtlaryna çykmakda ykdysady taýdan netijeli ugur bolup hyzmat eder. Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy — Garabogaz böleginiň gurluşyk-taslama işleriniň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň ulag-logistika kuwwatynyň artmagyna we halkara gatnawlaryň möhüm halkasyna öwrülmegine ýardam berer.

Jemi uzynlygy 207 kilometre barabar boljak döwrebap awtomobil ýoly 4 sany hereket zolagyndan ybarat bolar. Onuň ýer düşeginiň giňligi 27,5 metre, ýol hereket böleginiň giňligi her tarapda 7,5 metre, hereket zolagynyň giňligi bolsa 3,75 metre ýeter. Bir sagatda 580, 24 sagadyň dowamynda 14 müň sany awtoulaga hyzmat etjek ýoluň ugrunda 8 sany awtobus duralgasynyň, awtoduralga meýdançalarynyň, ýangyç guýujy beketleriň we durmuş maksatly binalaryň gurluşyklary hem göz öňünde tutulýar. Awtomobil ýolunyň giriş we çykyş nokatlary maglumat gorly serweri bolan döwrebap wideogözegçilik enjamlary bilen üpjün ediler. Täze ýol-ulag desgalary halkara ulag geçelgeleriniň wajyp bölegi bolar. Köpri we awtomobil ýoly ýurdumyzyň günbatar hem-de demirgazyk sebitleriniň, goňşy döwletleriň arasynda söwda-haryt dolanyşygynyň, ulag, ýolagçy gatnawlarynyň gerimini giňeltmäge ýardam bermek bilen, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda ýük dolanyşygynyň artmagynyň şertlerini döreder.

Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda düýbi tutulan karbamid öndürýän toplum ýurdumyzyň himiýa senagatynyň ösüşine saldamly goşant goşar. Uly möçberli maýa goýum taslamalarynyň biri bolup durýan toplumyň gurluşygy Ýaponiýanyň «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» we Türkiýäniň «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret A.Ş.» kompaniýalaryna ynanyldy. Taslamanyň tehnologiýasydyr tilsimatlary, ýagny ammiak önümçiligi Daniýanyň «Topsoe» kompaniýasy, karbamid sintezi Italiýanyň «Saipem», digirlenen karbamid önümçiligi Germaniýanyň «ThyssenKrupp», kömürturşy gazyny gaýtadan önümçilige iberýän tehnologiýasy bolsa Ýaponiýanyň «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» kompaniýasy tarapyndan ýerine ýetiriler. Döwrebap toplum bir gije-gündiziň dowamynda 2 müň tonna, ýylda bolsa 660 müň tonna ammiak öndürmäge niýetlenip, ol çig mal hökmünde karbamid önümçiligine peýdalanylar. Umuman, kärhanada bir gije-gündiziň dowamynda 3 müň 500 tonna, ýylda bolsa 1 million 155 müň tonna karbamid döküni öndüriler.

Türkmenistanyň himiýa senagatyny ösdürmegiň strategiýasy ýerli serişdeleri ýokary derejede peýdalanmaga, pudagyň eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir. Hususan-da, täze toplumyň taýýar önümlerini eksport ýollary arkaly daşamak üçin Gyýanly gämi duralgasyny abatlamak, bar bolan demir ýoly täze topluma çenli uzaltmak, bu toplumy Türkmenistanyň demir ýol ulgamy bilen birleşdirmek göz öňünde tutulýar. Täze kärhanada müňden gowrak iş orny döreder. Zähmet çekjek hünärmenleriň köpüsi daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanyp, olar işlemek üçin ähli zerur şertler bilen üpjün ediler.

Balkan welaýatyna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» kompaniýasynyň Baş ýerine ýetiriji direktory Eisaku Itony kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda häzirki taslamalar, dürli ugurlarda, şol sanda nebitgaz toplumynda, energetika we himiýa senagaty pudaklarynda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň strategik mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Işewür netijeli işlemäge döredilýän amatly şertler üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirjekdigine ynandyrdy.

Döwlet Baştutanymyz «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalygy hem kabul etdi. Duşuşykda nygtalyşy ýaly, türkmen-türk hyzmatdaşlygy birnäçe ugurlarda, şol sanda energetika, dokma senagaty, gurluşyk we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda üstünlikli ösdürilýär. Hormatly Prezidentimiz energetika ulgamyndaky taslamalara ünsi çekip, Hazar deňziniň üsti bilen goňşy döwletlere, şol sanda doganlyk Türkiýä we şol ýerden beýleki ýurtlara elektrik energiýasyny eksport etmek mümkinçiliginiň dörejekdigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz Balkan welaýatynda gurluşygyna badalga berlen karbamid öndürýän toplumyň ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmekde uly ähmiýete eýedigini aýdyp, «Çalyk Holding» kompaniýasynyň mundan beýläk-de döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän tehnologiýalary we enjamlary ornaşdyrmak arkaly, Türkmenistanda taslamalary amala aşyrmak boýunça netijeli işleri geçirjekdigine ynam bildirdi.

Ahmet Çalyk bildirilen uly ynam üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz şertnamalaýyn borçnamalaryna örän jogapkärçilikli çemeleşjekdigini nygtady.

«Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynda türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 32 ýyllygyna bagyşlanyp «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: türkmen manadynyň ýurduň durmuş-ykdysady ösüşindäki orny» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Onuň gün tertibine milli manadyň dolanyşyga girizilmegi bilen, ýurdumyzda gazanylýan ykdysady üstünlikler, milli pul-karz syýasatynyň durmuşa geçirilişi, bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy arkaly döwrebap bank hyzmatlarynyň ýola goýulmagy, elektron tölegler ulgamynyň kämilleşdirilmegi, halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlyk ýaly meseleler girizildi.

Geçen hepdede Balkan welaýatynyň edermen daýhanlarynyň «ak altynyň» bereketli hasylyny ýygnamak boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý edendikleri barada hoş habar gelip gowuşdy. Sebitiň ekerançylary nobatdaky zähmet üstünligini döwletimiz tarapyndan berilýän hemmetaraplaýyn goldawlaryň netijesinde gazandylar. Zähmetkeş daýhanlar mineral dökünler, ýokary hilli tohumlar, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň döwrebap tehnikalary bilen üpjün edilýär. Ýetişdirilen hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, geçen hepdäniň wakalary hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň içeri we daşary syýasatynyň wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýdyňlygy bilen görkezdi. Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyz ägirt uly ykdysady kuwwatyna, ylmy-tehniki ösüşine, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyga, halkymyzyň döredijilik kuwwatyna we maksada okgunlylygyna daýanmak bilen, ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýar.

*(TDH)*

# «AKYLLY» GURLUŞYK, ARASSA ENERGIÝA, DURNUKLY GELJEK

## Awazada geçirilen halkara forum şu meýillere ygrarlylygy tassyklady

***Düýn «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda öz işini tamamlan «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi we maslahat milli ykdysadyýetiň bu möhüm pudaklarynda ýetilen sepgitlere nazar salyp, olara häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, sanly ykdysadyýet konsepsiýasyny işjeň durmuşa geçirmek boýunça mümkinçilikleri öwrenmek, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklaryň anyk ugurlaryny kesgitlemek üçin ajaýyp meýdança bolup hyzmat etdi. Iki günüň dowamynda mowzuklaýyn mejlisler bilen birlikde, ikitaraplaýyn duşuşyklaryň onlarçasynyň geçirilip, dürli ugurlarda bilelikde iş alyp barmaga degişli resminamalaryň uly toplumyna gol çekilmegi giň gerimli Awaza forumynyň netijeli häsiýete eýe bolandygyndan habar berýär.***

**Erman YLYJAK, «Rönesans Holding» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy:**



— Türkmenistanyň ähli ugurlarda gazanýan üstünlikleri durnukly ösüşe, ekologik abadançylygyň üpjün edilmeginiň zerurlygyna düşünmäge, öňdebaryjy tehnologiýalara gönükdirilen öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň netijesidir. 2009-njy ýylda türkmen topragynda işläp başlanymyzda, ýurduň haýran galdyryjy ösüş ýoluna şaýat bolmak we oňa öz goşandymyzy goşmak biziň kompaniýamyz üçin uly hormat bolupdy. Geçen 16 ýylyň içinde «Rönesans» Türkmenistanyň çäginde köp sanly taslamalaryň, şol sanda möhüm senagat desgalarynyň gurluşyklaryny amala aşyrdy. Aşgabadyň görküne görk goşýan Hökümet edaralaryny, myhmanhanalardyr bilim ojaklaryny şolaryň hatarynda görkezip bileris. Mundan başga-da, «Kawasaki» ýapon kompaniýasy bilen bilelikde Ahaldaky tebigy gazdan sintetik benzin öndürýän zawodyň gurluşygy üstünlikli alnyp baryldy we ol 2019-njy ýylda ulanyşa girizildi. Ýapon maýasy esasynda maliýeleşdirilen bu senagat toplumy bu ugurda tutuş dünýädede iri zawodlaryň biridir. Ýyllyk kuwwaty 600 müň tonna benzin öndürmäge niýetlenen zawod tebigy gazdan bu gymmatly önümi almak boýunça ählumumy derejede nusgalyk taslamadyr.

Häzirki wagtda kompaniýamyz «Kawasaki» we «ITOCHU» kompaniýalary bilen bilelikde Türkmenistanda gazdan sintetik benzin öndürmäge ýöriteleşen ikinji toplumy gurmagyň üstünde işleýär. Galyberse-de, «Toyo» ýapon kompaniýasynyň gatnaşmagynda Gyýanlydaky polimer zawodynda önümçiligiň ygtybarly ýola goýulmagyny üpjün etmek üçin işleriň birinji tapgyryny alyp barýarys. Bu günki gün Türkmenistanyň öz baý tebigy serişdelerine diňe bir ykdysady paýnama däl-de, eýsem, sebitde durnuklylygyň, energetika howpsuzlygynyň, ekologik deňagramlylygyň strategik düzüm bölegi hökmünde garaýandygyny aýratyn nygtamak gerek. Şeýle çemeleşme ýurdy diňe bir Merkezi Aziýada iri energetika merkezi hökmünde tanatman, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek, uglerod bitaraplygyny gazanmak boýunça tagallalara işjeň gatnaşyjy hökmünde-de onuň abraýyny artdyrýar.



**Eisaku ITO, «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» kompaniýasynyň Baş ýerine ýetiriji direktory:**



— Ilki bilen, «Mitsubishi» kompaniýasyna Türkmenistanyň ykdysady ösüşine goşant goşmaga döredilen mümkinçilik üçin hormatly Türkmenistanyň Prezidentine we türkmen halkynyň Milli Liderine tüýs ýürekden hoşallygymyzy beýan etmek isleýärin. Tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň gazhimiýa senagatyny ösdürmek babatda uly kuwwatynyň bardygyny nygtamak ýakymly. Golaýda Türkmenistanyň Prezidentiniň gatnaşmagynda Balkan welaýatynda karbamid öndürmek boýunça täze toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdyk. 2030-njy ýylda ulanmaga beriljek bu zawodyň gurluşygy biziň düzümimize we «Gap Inşaat» türk kompaniýasyna ynanyldy.

Mälim bolşy ýaly, «Mitsubishi Heavy Industries» senagat desgalarynda kömürturşy gazyny ýygnap almak boýunça dünýäde öňdebaryjy tehnologiýa eýelik edýär. Ilkinji gezek 1999-njy ýylda işe girizilen bu ulgam indi 25 ýyldan gowrak wagt bäri durnukly işläp gelýär. Kompaniýamyz bu ugurda dünýä bazarynyň 70 göterimini eýeleýär. Hut şol tehnologiýany Gyýanlyda guruljak karbamid zawodynda hem ornaşdyrmagy göz öňünde tutýarys. Şunlukda, bu senagat kärhanasy Merkezi Aziýada kömürturşy gazyny ýygnap almak boýunça täze tehnologiýa ornaşdyrylan ilkinji toplum bolar. Munuň özi tutuş sebit üçin howanyň üýtgemegine garşy göreşmekde möhüm waka öwrüler. Çünki ýurduň günbatarynda guruljak bu toplum diňe bir Türkmenistanyň senagat mümkinçiliklerini artdyrman, eýsem, Merkezi Aziýa sebitinde energetika we himiýa pudaklary üçin täze ekologik standartlary işläp düzmäge-de ýardam eder.

**Wladimir PETRUK, «Interbudmontaž» kompaniýasynyň dolandyryjy müdiri:**



— Awazada geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara maslahat ýurtda amala aşyran suw hojalyk taslamalarymyz bilen giň köpçüligi tanyşdyrmak we geljekki meýilnamalary ara alyp maslahatlaşmak üçin netijeli meýdança boldy.

Kompaniýamyz häzirki wagtda Garagum derýasynda suwuň akymyny sazlaýjy desganyň gurluşygyny alyp barýar. Şonuň bilen ugurdaşlykda bu derýany abatlamak we onuň ugrunda gidrotehniki gurluşlary gurmak boýunça konseptual çözgüdi işläp taýýarlaýarys. Suw serişdelerini dolandyrmak ulgamynda dünýäde öňdebaryjylaryň hatarynda tanalýan «Rubicon» (Awstraliýa) kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda suwa gözegçilik etmegi we ony hasaba almagy awtomatlaşdyrmak ulgamyny ornaşdyrýarys. Munuň özi gelýän hem sarp edilýän suwuň möçberine hakyky wagt tertibinde gözegçiligi amala aşyrmaga, suw serişdeleriniň paýlanylyşyny kadalaşdyrmaga, süzmek, bugartmak ýaly şertleriň hasabyna bu gymmatly baýlygyň sarp edilişini tygşytlamaga ýardam berer. Bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň ilerledilmegi suw serişdelerine ygtybarly elýeterliligi üpjün etmek arkaly Türkmenistanyň oba hojalyk pudagyny ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açar.

**Sue DANFENG, «China Energy International Group Co., Ltd.» kompaniýasynyň wise-prezidenti:**



— Kompaniýamyz Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşant goşmaga we az uglerodly, «ýaşyl» energetikany ilerletmek ugrunda tagalla etmäge taýýardyr. Munuň üçin geljegi uly üç ugry kesgitledik. Şolaryň birinjisi energetika meýilleşdirilişi hem-de «ýaşyl» energetika geçmek bilen bagly. Biziň düzümimiziň Merkezi Aziýa ýurtlarynda bu ugurlarda taslamalary durmuşa geçirmekde, şeýle-de maýa goýum, maliýe hyzmatdaşlygyny alyp barmakda baý tejribesi bar. Şoňa görä, Türkmenistan bilen ýurduň milli energetika meýilleşdirilişi boýunça barlaglary geçirmek, energetikanyň arassa görnüşlerine geçmek, bu babatda howpsuz, häzirki zaman energetika ulgamyny döretmek boýunça özara gatnaşyklary ýola goýmaga gyzyklanma bildirýäris. Ikinji ugur — kompaniýamyzyň ähli artykmaçlyklaryny ulanyp, ýurtda pes uglerodly energetika geçmegi tizleşdirmek we senagat toplumyny döwrebaplaşdyrmak üçin energetika zynjyrynyň ähli tapgyrlarynda hyzmatdaşlyk etmek. Üçünjisi bolsa milli energetika ulgamynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Türkmenistanyň energetika infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak işine gatnaşmagy göz öňünde tutýar. Bu işleri amala aşyrmak maksady bilen, çeýe ýyllyk hem-de utgaşykly dolanyşykda işleýän bug elektrik stansiýalarymyzy, zyňyndylary arassalamaga we uglerod almaga niýetlenen tehnologiýalarymyzy hödürlemäge taýýardyrys.

«China Energy International Group» kompaniýasy Özbegistanda, Gazagystanda elektroenergetika pudagy boýunça taslamalaryň birnäçesine gatnaşdy. Merkezi Aziýada alyp barýan umumy işimiziň möçberi 8 milliard amerikan dollaryndan geçdi. Käbir energetika we elektroenergetika taslamalary babatda Türkmenistanyň Energetika ministrligi bilen hem aragatnaşyk saklaýarys. Geljekde türkmen tarapy bilen hyzmatdaşlygymyzyň has-da giňeldiljekdigine ynam bildirýäris.




**Annageldi MOMMADOW, «Ojar Aziýa» hususy kärhanasynyň direktorynyň gurluşyk işleri boýunça orunbasary:**



— Halkara derejede geçirilýän sergiler hemişe-de innowasiýalaryň merkezi bolup durýar. Şoňa görä, şeýle çärelere yzygiderli gatnaşyp, iş alyp barýan pudaklarymyz boýunça ýetilen sepgitler bilen tanyşýarys, täze mümkinçilikleri öwrenýäris. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergä hem öz diwarlygymyz bilen gatnaşdyk. Giň gerimli gözden geçiriliş gurluşyk, senagat önümçiligi, energetika, himiýa senagaty, ýol gurluşygy pudaklarynda ýurdumyzyň gazananlary, dünýä belli kompaniýalaryň ýöriteleşdirilen enjamlary, öňdebaryjy tehnologiýalary bilen tanyşmaga mümkinçilik döretdi.

2008-nji ýylda esaslandyrylan kärhanamyz Diýarymyzyň çar künjeginde durmuş-medeni, sport maksatly binadyr desgalaryň, awtomobil ýollarynyňdyr köprüleriň gurluşyklaryna işjeň gatnaşyp gelýär. Ýurdumyzyň ilkinji «akylly» şäheri bolan Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda awtomobil ýolunyň, ýerasty awtomobil geçelgesiniň gurluşygyny amala aşyrmaga dörän mümkinçilige örän buýsanýarys. Şäheriň ikinji tapgyrynda-da gara ýoluň gurluşygyny alyp bararys. Bu işde durnuklylyk, howpsuzlyk we ekologiýa boýunça täze standartlara eýerýäris. Mundan başga-da, paýtagtymyzdaky «Gurtly» ýaşaýyş toplumynda döwrebap ulag düzümini döretmek, ol ýerde täze seýilgäh gurmak babatda taslamalary durmuşa geçirýäris. «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumynda-da ekologik abadançylygyň üpjün edilmegine goşant goşjak seýilgähi gurýarys. Mary şäherinde kottej toplumyny we 7 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklaryny alyp barmak hem işimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda.

«Ojar Aziýa» Sarahs — Mary — Serhetabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy üçin uly göwrümli taslamany hödürleýär. Gurulmagy meýilleşdirilýän, uzynlygy, takmynan, 450 kilometre deň bolan bu ýol Ahal we Mary welaýatlarynyň çäginden geçer. Häzirki wagtda gurluşygyň şekil taslamasy taýýarlanylyp, Birleşen Arap Emirliklerinden, Beýik Britaniýadan, Germaniýadan, Hytaýdan halkara guramalar bilen ony maliýeleşdirmek boýunça gepleşikler geçirilýär. Golaýda Germaniýanyň Maýn boýundaky Frankfurt şäherinde Türkmenistanyň ykdysadyýet günleri üstünlikli geçirildi. Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy tarapyndan guralan forumda «Ojar Aziýanyň» şahamçasy bolan «Türkmen maslahatçylar topary» (TMT Consulting Group) hojalyk jemgyýeti hem hyzmatdaş guramaçy bolup çykyş etdi. Ynha, indi bolsa kärhanamyz gözel Awazada geçirilen halkara foruma öz diwarlygy bilen gatnaşdy. Bularyň ählisi hususy pudaga döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň aýdyň netijesidir. Pursatdan peýdalanyp, türkmen telekeçilerine, işlemäge, döretmäge, halkara bazarlara çykarmaga giň mümkinçilikleri döredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallygymyzy bildirýäris.

*Ýazga geçiren*
***Aýgül RAHYMOWA.***
***«Türkmenistan».***

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖŇÜNDE!

ŞU GÜNÜŇ GÜRRÜŇI

## GURMAGYŇ WE DÖRETMEGIŇ ÝOLY BILEN

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýurdumyzda gurluşyk we senagat toplumy yzygiderli ösdürilýär. Diýarymyzyň ähli künjeklerinde ägirt uly binagärlik toplumlary, edara binalary, has oňaýly we ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary, döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen iri önümçilik kärhanalary gurulýar. Olaryň gurluşygynda zähmet çekýän hünärmenleriň işine aýratyn hormat-sarpa goýulýar, bu ugurdan bilim alýan ýaş nesilleriň hünär başarnyklary kämilleşdirilýär. Ýakynda ýurdumyzda Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününiň uly ruhubelentlikde bellenilip geçilmegi-de munuň aýdyň güwäsi boldy.***

**B**itarap ýurdumyzy senagatlaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek, içerki bazary ýerli gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmek meselesine uly üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga, täze kärhanalary gurmaga, hereket edýän önümçilikleriň kuwwatyny yzygiderli ýokarlandyrmaga döwletimiz tarapyndan ägirt uly maýa goýumlar gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy etrabynyň çäginde kuwwatlylygy ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň gurluşygynyň, Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy — Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak, şeýle hem Esenguly etrabynda kuwwatlylygy gije-gündizde 20 müň kub metr bolan agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryna gatnaşmagy bu ugurda amala aşyrylýan işleriň aýdyň netijesine öwrüldi.

Döwlet Baştutanymyzyň hemaýat-goldawy netijesinde açylyp ulanmaga berlen Bäherden keramiki önümler kärhanasynda hem häzirki wagtda önümçilik işleri döwrüň talaplaryna laýyklykda ýola goýuldy. Kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenen kärhanada dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Bu bolsa önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýokary hilli ýerli önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda, has takygy, 8-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berlen «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň çäginde ýerleşýän täze önümçilik desgasynyň — çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň işe girizilmegi hem ýurdumyzy senagatlaşdyrmak, ýerli çig mal esasynda öndürilýän önümleriň önümçiligini giňeltmek bilen baglanyşykly döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Kuwwatlylygy bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürmäge niýetlenen täze önümçilik desgasy ylmy-tehniki ösüşiň iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyryldy. Täze kärhana içerki sarp edijileriň isleglerini doly kanagatlandyrmak bilen birlikde, eksport kuwwatyna-da eýedir.



Bitarap ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga, bu pudagy many-mazmun taýdan kämilleşdirmäge we onuň kanunçylyk binýadyny has-da berkitmäge uly üns berilýär. Şu ýylyň 1-nji sentýabrynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň binalardyr desgalar toplumynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň goşmaça binalarynyň we desgalarynyň açylyp ulanmaga berilmegi milli bilim ulgamynyň ösüşinde möhüm waka boldy.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň öňüsyrasynda Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde Döwletli mekan, Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde Bagtly zamana obalarynyň, şeýle hem Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginiň çäklerinde Bitaraplyk şäherçesiniň açylyp ulanmaga berilmegi Türkmenistanyň gurmak gudratynyň, döretmek ukybynyň netijeleridir.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde, sanly şäher Konsepsiýasy esasynda gurlan we häzirki döwürde ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam edýän Arkadag şäheri hem aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Gojaman Köpetdagyň eteginde döredilen Arkadag şäheriniň birinji tapgyry 2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berildi. Döwlet ähmiýetli şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşyklarynda milli maksatnamalardan, şeýle hem «Arkadag şäherini 2024 — 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» ugur alynýar. Şu ýerde aýratyn nygtamaly ýagdaýlaryň biri-de milli binagärlik ýörelgeleri bilen ylmy-tehniki ösüşiň iň soňky gazananlary utgaşdyrylyp amala aşyrylýan «akylly» şäher taslamasynyň halkara jemgyýetçilik tarapyndan giň goldawa eýe bolýanlygydyr. Şu ýylyň 13-nji martynda häzirki zaman binagärlik aýratynlyklaryny özünde jemleýän Arkadag şäherine Hytaý Halk Respublikasynyň Hançžou Dýanszi uniwersitetiniň şäheriň ekologik taýdan arassalygyny ykrar edýän Üstünlik güwänamasynyň gowşurylmagy-da munuň şeýledigini görkezýär.

Ýakynda, has takygy, Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň hünär baýramynyň giňden bellenilýän günlerinde hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahananyň, Daşoguz şäherinde hem Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygyna badalga berildi. Munuň özi mähriban Prezidentimiziň halkymyzyň saglygyny goramak, türkmenistanlylaryň her biriniň uzak hem bagtyýar ömür sürmegi üçin edýän taýsyz tagallalarynyň netijesidir.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik eseriniň XVII jildiniň, şeýle hem «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly ajaýyp eseriň elimize gelip gowuşmagy baýramçylyk günlerinde gymmatly sowgat boldy.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen amala aşyrylýan gurluşyklar, hususan-da, Arkadag şäheriniň gurluşygy Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyp ýaşlary üçin nazaryýetde alan bilimlerini amaly işler bilen sazlaşykly utgaşdyrmakda özboluşly mekdebe öwrüldi. Taýýarlanylýan her bir taslamany ylmy esasda işläp düzmek maksady bilen institutymyzda ýaş alymlaryň merkezi döredildi. Binagärlik-gurluşyk fakultetiniň binagärlik kafedrasynda döredilen «Ýaş binagär» ylmy-okuw merkezinde talyp ýaşlar halypa mugallymlaryň ýolbaşçylygynda sanly serişdelere erk etmek bilen, häzirki zaman taslamalaryny işläp düzýärler. Hususan-da, alym Arkadagymyzyň tabşyryklary esasynda, ilkinji gezek BIM tehnologiýasyny özleşdirmek arkaly REVIT maksatnamasy işlenip düzüldi. Bu maksatnamanyň kömegi arkaly, guruljak binanyň ýa-da desganyň ýerini tekizlemekden başlap, gurluşyk işleriniň ähli tehnologik halatyny işläp düzmek mümkin. Şonuň üçin-de, talyplara kompýuterde ofis programmalaryndan başga-da, «AutoCAD», «3D Max», «GREDO», «ROBUR» ýaly toplumlaýyn programmalar öwredilýär. Şeýle bolansoň, taýýarlanan taslamalar ýurdumyzda dürli derejede geçirilýän sergilere gatnaşdyrylýar, şeýle hem täze döredileljek obadyr şäherleriň taslamalaryna hödürlenýär.

Institutymyzda okuwlar döwrüň ösen talabyna laýyklykda, ýokary tizlikli kompýuterleriň, interaktiw tagtalaryň we multimedia enjamlarynyň kömegi bilen alnyp barylýar. Bilim portaly, elektron kitaphana we internet ulgamy talyp ýaşlar üçin elýeterlidir. Mundan başga-da, baý kitap gorlary bolan kitaphana, medeniýet merkezi, sport desgalary, ýaşamak üçin ähli şertleri bolan umumyýaşaýyş jaýlary talyplaryň hyzmatynda. Döwrebap bilimleri bermek bilen birlikde, institutymyzda «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine laýyklykda, ruhy-ahlak, raýat-watançylyk, harby-watançylyk, durmuş terbiýesi, medeni-taryhy we sagdyn durmuş ýörelgeleri boýunça terbiýe bermek işlerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Şu günler ýokary okuw mekdebimizde gurluşyk, binagärlik hem-de dizaýn sungaty boýunça bilim alýan talyplarymyz Diýarymyzyň sebitlerinde we paýtagtymyzda gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalaryň taslamalarynyň taýýarlanylmagyna, dizaýn babatdaky çözgütlere işjeň gatnaşýarlar. Gurluşyk senagaty üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebimizde okadylýan nazary bilimleri tejribe bilen utgaşdyrmak meselesine aýratyn üns berilýär. Arkadag şäheriniň gurluşygynda geçirilýän okuw tejribeliklerimiz ýaşlarda uly täsir galdyrýar. Bu mümkinçilikler ýaşlaryň saýlap alan ugurlary boýunça ökde hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin möhüm ähmiýete eýe.

Bize asuda hem abadan durmuşda ýaşamaga, okamaga, öwrenmäge, döredijilikli zähmet çekmäge uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri mydama rowaç bolsun!

*Batyr MÄMMEDOW,*
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory, tehniki ylymlaryň kandidaty.*

SENAGAT KÄRHANALARYNDA

## SEMENTE ISLEG ULY

***Bäherden sement zawody ýurdumyzdaky häzirki zaman iri senagat kärhanalarynyň biri hasaplanýar. Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda ýerleşýän bu kuwwatly kärhanada ýerli çig mallar esasynda öndürilýän sement önümleri uly meşhurlyga eýedir.***

Diýarymyzda giňden ýaýbaňlandyrylan şäherdir şäherçeleriň, obalaryň, dürli maksatly desgadyr binalaryň gurluşyklaryny zerur bolan sement bilen üpjün etmekde gürrüňi edilýän kärhananyň orny uludyr. Ol 2005-nji ýyldan bäri hereket edýär. Geçen ýyl bu zawodyň kuwwatlylygy ýylda 1 million tonna sement öndürmäge deň bolan ikinji tapgyry açylyp ulanmaga berildi. Şeýlelikde, halkara ölçeglere kybap gelýän PS-400, PS-500, PS-600 görnüşli sement önümlerine isleg has-da artdy.

Häzirki günlerde öňdebaryjy zawodda işler sazlaşykly alnyp barylýar. Ýerli çig mallar esasynda gymmatly gurluşyk serişdesi bolan sementi öndürmekde ildeşlerimiziň uly topary yhlasly zähmet çekýär. Zähmetsöýer işçi-hünärmenler önümçilik desgalarynda ornaşdyrylan dünýäniň iri önüm öndürijileriniň kämil enjamlaryny başarjaňlyk bilen dolandyryp, her bir iş gününi guwandyryjy önümçilik görkezijilerine besleýärler.

Kärhanada işleriň bökdençsiz alnyp barylmagynda hormatly Prezidentimiz tarapyndan zawoda sowgat berlen, ýük göterijiligi ýokary bolan — «IVECO TRAKKER MYAD380T38H 6x4» kysymly awtoulaglaryň, dürli kysymly kuwwatly kän tehnikalarynyň hyzmaty uludyr. Ýöriteleşdirilen şeýle tehnikalar çig maly gazyp almakda we daşamakda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Ýeri gelende bellesek, bu ýerde çig mal hökmünde kalker, toprak, gum, demir jöwheri, gips daşy we beýleki serişdeler ulanylýar. Olar ýokary hilli gurluşyk serişdesini öndürmäge mümkinçilik berýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» we «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan gurluşyk işleriniň ýokary depginini üpjün etmekde bu iri kärhana uly orun eýeleýär. Şeýle asylly işlere saldamly goşant goşýan kärhananyň işçi-hünärmenleri Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenilýän ýylyny ýokary önümçilik görkezijileri bilen jemlemegi maksat edinýärler.

*Aýdo ŞEKEROW.*
*«Türkmenistan».*



«AK ALTYN» — 2025

## BALKANLY PAGTAÇYLARYŇ ÜMZÜGI ILERI

***Her ýylda uly ruhubelentlik bilen bellenilip geçilýän Hasyl toýuny mynasyp garşylamak üçin häzirki wagtda ýurdumyzyň beýleki sebitleri bilen birlikde, balkanly «ak altyn» ussatlary hem gijelerini gündiz edip zähmet çekýärler. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna amala aşyran iş saparynyň dowamynda sebitiň pagtaçy kärendeçileriniň döwlet öňündäki ýyllyk borçnamany berjaý edendikleri barada berlen hoş habar bolsa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň her bir gününiň uly üstünliklere hem-de rowaçlyklara beslenýändiginiň nobatdaky güwäsidir.***



Welaýatyň oba hojalyk toplumynyň işgärleridir zähmetsöýer babadaýhanlarynyň jogapkärli möwsümdäki bu zähmet ýeňşi güneşli Diýarymyzyň taryhy wakalarynyň üstüni ýetirdi. Möwsümde pagta ýygyjy kombaýnlaryň 18-si, ýygnalan hasyly daşamak üçin awtoulaglaryň 91-si bökdençsiz işledildi. Ýörite döredilen tehniki taýdan hyzmat ediş toparlary möwsümiň dowamynda iş üstünde bolup, ýygym döwründe bökdençligiň ýüze çykmazlygyny üpjün etdiler. Babadaýhanlara edilen göwnejaý medeni we söwda hyzmatlary pagta ýygymynyň depginini artdyrmaga oňyn täsirini ýetirdi. Şeýlelikde, welaýat boýunça 13 müň gektar meýdanda ýetişdirilen gowaçadan 16 müň 243 tonna «ak altyn» ýygnalyp, meýilnama 101,5 göterim berjaý edildi.

Ýurdumyz boýunça ilkinji bolup döwlet öňündäki ýyllyk borçnamanyň berjaý edilmegine welaýatyň oba hojalyga ýöriteleşdirilen Gyzylarbat we Bereket etraplarynyň pagtaçy kärendeçileri öz saldamly goşantlaryny goşdular. Has takygy, Bereket etrabynyň zähmetkeşleri 2 müň 650 gektardan 3 müň 444 tonna hasyl almagy başardylar. Häzirki wagtda etrap boýunça 5 sany daýhan birleşigi we 2 sany daýhan hojalygy hereket edip, olardan pagta ýygnamak barada meýilnamasyny 135 göterim berjaý eden «Türkmenistan» daýhan birleşigini, tabşyryga 115 göterim amal eden S.A.Nyýazow adyndaky daýhan birleşigini hem-de ýyllyk borçnamasyny 170 göterim berjaý eden «Nusgawy meýdan» daýhan hojalygyny görkezmek bolar. Gyzylarbat etrabynyň «ak altyn» ussatlary 8 müň 750 gektar meýdandan 11 müň tonna golaý hasyl ýygnap, ajaýyp zähmet üstünligine ýetdiler.

— Etrabymyzyň pagtaçylary jogapkärli möwsüme taýýarlykly gelmek bilen, meýilnamalaýyn borçnamalaryny ilkinji bolup berjaý etdiler. Bu işde, esasan hem etrabymyzyň «Goç», «Arkaç», «Paraw» daýhan birleşikleriniň we «Batly gadam» daýhan hojalygynyň goşantlary diýseň uludyr. Umuman, etrabymyzyň diňe bir pagtaçylary däl, eýsem gallaçylarydyr beýleki oba hojalyk önümlerini öndürýän babadaýhanlar hem guwandyryjy netijelere eýe bolýarlar. Munuň özi ömrüni toprak bilen baglan yhlasly babadaýhanlarymyzyň ýetip gelýän Hasyl toýuna hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyna uly zähmet sowgatlarydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe merdana daýhanlarymyz üçin işlemäge, halal girdeji gazanmaga ähli mümkinçilikleri döredip berýän, halkymyzy eşretli zamanada ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz egsilmezdir — diýip, Gyzylarbat etrabynyň häkiminiň oba hojalyk boýunça orunbasary Annanepes Nepesow buýsanç bilen gürrüň berdi.

*Arazguly HUDAÝGULYÝEW.*
*(Öz habarçymyz).*

REDAKSIÝANYŇ POÇTASYNDAN

## Döwrüň rowaç gadamlary

***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly buýsançly wakalara beslenýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň toýlanýan ýylynda bolup geçýän şol wakalar şanly ýylyň many-mazmuny bilen özara sazlaşygy emele getirýär. Munuň şeýledigini 2-nji noýabrda hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy etrabynyň çäginde karbamid öndürýän toplumyň, Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy — Garabogaz böleginiň düýbüni tutmaga, şeýle hem Esenguly etrabynda agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyşyna ak pata bermegi-de aýdyň äşgär etdi.***

Ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň sapar bilen Owganystana baryp, ol ýerde Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan transmilli gaz geçiriji taslamasynyň wajyp bölegi bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň goňşy ýurduň çäginde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň ýagdaýy bilen ýerinde tanyşmagy, bu ýerde möhüm ähmiýetli duşuşyklary geçirip, çuň mazmunly çykyş etmegi şeýle ähmiýetli çäreleriň biri bolup, watandaşlarymyzyň belent başyny göge ýetirdi. Şeýle wakalar Ýer ýüzünde parahatçylyk söýüjiligi dabaralandyrýan, durnukly ösüşiň, ählumumy abadançylygyň berkidilmegine uly goşant goşýan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň raýatydygyňa, geçmişi şöhratly, geljegi beýik türkmen milletindendigiňe buýsanjyňy has-da artdyrýar.

Milli Liderimiziň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bu günki gün ýurdumyzda giň gerimli işler, beýik özgertmeler durmuşa geçirilip, taryhy ähmiýetli üstünlikler gazanylýar. Milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlylygynyň berk esaslaryny emele getirýän ugurlaryň biri bolan ýangyç-energetika ulgamynda alnyp barylýan işler we ýetilýän sepgitler hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Parahatçylyk söýüjilikli, hoşniýetli daşary syýasaty alyp barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bu günki gün özüniň tebigy baýlyklaryny, şol sanda energiýa serişdelerini ählumumy abadançylygyň, durnukly ösüşiň bähbitlerine ulanýan, bu babatda oňyn başlangyçlar bilen çykyş edýän ýurt hökmünde dünýäde ykrar edilýär. Berkarar döwletimiziň dünýä ýurtlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda, sebitleýin we halkara guramalaryň çäklerinde bu ugurda öňe sürýän teklipdir başlangyçlary hut şeýle belent maksatlara gönükdirilendir.

Diýarymyz tebigy gaz gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Bu ugurda amala aşyrylýan işler, iri taslamalar ýurdumyzyň ösüşlerinde-de, tutuş sebitiň ykdysadyýetiniň has rowaçlanmagynda-da örän uly ähmiýete eýedir. Batly depginler bilen alnyp barylýan Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygy hem şeýle düýpli, ähmiýetli işleriň biri bolup, ol «Asyryň taslamasy» adyna eýedir. Gahryman Arkadagymyzyň bu iri taslamanyň gurluşygynyň wajyp tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň çäginde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň barşy bilen ýerinde tanyşmagy, gurluşykçylaryň armasyny ýetirmegi olary örän ähmiýetli, jogapkärçilikli wezipelerinde has-da yhlasly, öňküden-de gaýratly zähmet çekmäge ruhlandyrdy. Elbetde, bu taryhy waka türkmen gazçylaryny hem täze zähmet üstünliklerine höweslendirdi.

*Aýperi ÝAKUPOWA.*
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy.*

TEBIGAT

# DAG BEZEGI — TÜRKMEN ARÇASY

***Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen türkmen arçasynyň biologik we ekologik aýratynlyklaryny öwrenmegiň, tebigy meýdanlarda düýp sanyny köpeltmegiň we gorap saklamagyň uly ähmiýeti bar. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda arça agajynyň ýaýran ýerleri, dermanlyk häsiýetleri barada jikme-jik maglumatlar berilýär. Milli Liderimiz golaýda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň barşy we taýýarlanan taslamalar bilen tanşanda, ilkinji gezek bu şäherde ekilmegi teklip edilýän türkmen arçasynyň ählihalk bag ekmek dabarasynda oturdylmagyny makullady hem-de bag nahallary ekilenden soňra olara agrotehniki kadalara laýyklykda ideg işleriniň yzygiderli ýola goýulmagy babatda degerli maslahatlaryny berdi. Munuň özi ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny durnukly ýola goýmakda türkmen arçasynyň örän uly ähmiýetiniň bardygyny alamatlandyrdy.***





Bilşimiz ýaly, arça tebigatyň sazlaşykly ösüşine örän uly täsirini ýetirýän daragtlaryň biridir. Ýurdumyzda arça agajynyň iki görnüşi, ýagny Köpetdagda türkmen arçasy hem-de Köýtendagda zerewşan arçasy giňden ýaýrandyr. Arça agajynyň köki çuňluklara aralaşyp, topragy eroziýa — dargamak hadysasyndan goraýar. Şeýle hem bu daragtyň suw saklaýjylyk ähmiýeti örän ýokarydyr. Ýylyň dowamynda gök dona bürenip, daş-töwerege bezeg berýän bu agajyň aýratyn hoşboý ysy bardyr. Arça agajynyň dermanlyk häsiýetinden gadymdan bäri peýdalanyp gelýärler. Bu täsin daragtyň gymmatyna uly üns berlip, halkymyzda çagalara «Arça» diýlip at hem dakylýar. Şeýle hem obalaryň, dereleriň, çeşmeleriň birnäçesini arça ady bilen baglanyşdyrýarlar. Gyzylarbat etrabynyň Goç obasynda Arçalyja dere, Magtymguly etrabynda, Daýnada Arçalybag deresi hem çeşmesi, Gerkez obasynda Arçaly dere, Bereket etrabynda dagyň ýokary belentliginde Arçalybaş deresi, Bäherden etrabynyň Nohur obasynda Goşaarça ýaly arçaly dag we çeşme atlary bellidir.

Arça agajy dag ekoulgamyna amatly täsirini ýetirýär. Epgekde ýa-da howa gaty sowuk bolanda arçalyklar ýabany haýwanlar üçin gaçybatalga bolsa, pürleridir tohumy olar üçin iýmit bolup hyzmat edýär. Guşlaryň birnäçe görnüşi arçalaryň beýik şahalarynda höwürtge gurýarlar. Ýaşaýyş şertleri arça agajy bilen bagly birnäçe jandarlar hem bar. Olardan arça paltatumşugyny, arça merjimegini, ýolkaçy girrigi, gara çaýkeli, sakgally garaguşy, gajary, ýylançy gyrgyny, bedeneçi gyrgyny görkezmek bolar. Ýurdumyzyň käbir sebitlerinde asyrlara şaýat bolup oturan gojaman arçalara hem duş gelmek bolýar. Olar, esasan, Köpetdagyň, Uly Balkan dagynyň, Köýtendagyň dürli derelerinde gabat gelýär. Mysal üçin, Bäherden etrabynyň Berkköw dag belentligindäki gojaman arçanyň beýikligi 18 metr bolup, esasy sütüniniň ölçegi, daşy bilen alanyňda, 7 metrden gowrakdyr. Ýaňy-ýakynda arçalaryň tohum getirijilik ýagdaýyny öwrenmek üçin «Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynyň, Ahal welaýatynyň Bäherden we Bekrewe tokaý hojalyklarynyň, Balkan welaýatynyň Magtymguly tokaý hojalygynyň işgärleri bilen bilelikde ylmy-barlaglar geçirildi. Bäherden etrabynyň Garawul obasyna golaý arçalaryň ýaýran dag derelerinde, ýagny «Handüşen», «Kümüşdaş» diýilýän meýdanlarda olaryň gowy hasyl getiren ýerleri öwrenildi. Şeýle hem arça agajyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, meýdan iş saparynda işgärler tejribe alyşdylar.

Häzirki wagtda arça we beýleki tokaýlyklary gorap saklamakda we düýp sanyny köpeltmekde Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň garamagyndaky edara-kärhanalarda Türkmenistanyň «Milli tokaý maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Dag belentliklerine göz aýlanymyzda, uly arçalaryň ýanynda arça nahallaryny görüp, olaryň tebigy gögerijiliginiň durnukly ýagdaýdadygyna guwanýarsyň. Arça agajyny ösdürip ýetişdirmek örän köp zähmeti talap edýär. Olaryň bir ýyllyk we iki ýyllyk tohumlary bolýar. Onuň ýetişen hasylynyň daşky sypatyna görä, dok, gara reňkdäki — ikinji ýylyndaky tohumyny ýygnamak maslahat berilýär. Arça agajynyň tohumy diňe el bilen ýygnalmalydyr. Tohumlaryny kakyp ýa-da şahalaryny gyrkyp ýygnamak daragtlara uly zeper ýetirýär. Tohum ekişe taýýarlananda onuň daşyndaky gabygy aýrylmaly. Tohumy ekmezden 2-3 gün öň 5 göterim limon duzly suwda goýmak hem-de 5 santimetrden gowrak çuňlukda ekmek maslahat berilýär. Geçirilen tejribe işlerinde oktýabr-noýabr aýlary ekilen tohumlar mart aýynyň birinji ongünlüginde gögerip çykdy. Şeýle hem olaryň käbiriniň ekilen ýyly gögermese-de, ikinji we üçünji ýylda hem gögerip bilýändigi anyklandy. Şonuň üçin arça tohumynyň ekilen ýeri hemişe gözegçilikde saklanmalydyr.

Arça agajy örän haýal ösýär. Ol her ýylda tebigy ýagdaýda 3 santimetr boý alýar. Medeni zolakda, suwarymly ýerlerde bolsa 5 santimetre çenli boý alyp bilýärler. Ýurdumyzda türkmen arçasyny daglyk ýerlerde köpeltmekde 1980 — 1990-njy ýyllarda geçirilen işler häzirki wagtda öz oňyn netijesini berýär. Daglyk ýerlerde tokaýçylaryň yhlasly zähmeti bilen döredilen arça tokaýlyklaryny muňa mysal görkezmek bolar.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň guramagynda hünärmenleriň bilimlerini ýokarlandyrmak boýunça okuw maslahatlary yzygiderli geçirilýär. Ýaňy-ýakynda Türkiýe döwletiniň tokaýçylary bilen duşuşyk guralyp, arça agajyny ösdürip ýetişdirmekde gazanylan üstünlikler barada hünärmenler öz aralarynda tejribe alyşdylar.

Biz hem Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmak, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň biologik dürlüligini gorap saklamak, köpeltmek baradaky sargytlaryndan ugur alyp, geljek nesillerimiz üçin tebigy mirasymyzy gorap saklamaga, köpeltmäge uly goşant goşjakdygymyza ynandyrýarys.

*Aknabat POTAÝEWA,*
*«Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynyň ylym bölüminiň başlygy.*

ÝOKARY OKUW MEKDEPLERINDE

# ZEHINLILER ÖŇE SAÝLANDY

***Hormatly Prezidentimiziň: «Bilim ähli ösüşlerimiziň, bagtyýarlygymyzyň we abadançylygymyzyň binýady, beýik geçmişimiziň hem-de geljegimiziň röwşen ýoludyr» diýen pähimli sözlerinden ugur alyp, ýaşlary dünýäniň ählumumy bilim ulgamyna işjeň aralaşdyrmakda we ökde hünärmenler edip ýetişdirmekde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde giň gerimli işler alnyp barylýar. Golaýda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda internet arkaly II Halkara ykdysadyýet hem-de Halkara filosofiýa olimpiadalarynyň üstünlikli geçirilendigi-de munuň aýdyň güwäsidir.***



Olimpiadalaryň maksady talyp ýaşlaryň zehin-başarnyklaryny kämilleşdirmekden, olary ylym we döredijilik bilen meşgullanmaga höweslendirmekden, şeýle hem ýokary hünär bilimi ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmekden ybaratdyr. Olimpiadalar türkmen, rus hem-de iňlis dillerinde geçirildi. Olaryň birinji tapgyrynda talyplar A we B derejeler boýunça bäsleşdiler. Halkara ykdysadyýet olimpiadasynda A derejä ykdysadyýet we dolandyryş, statistika taýýarlyk ugurlary boýunça okaýan talyplar, B derejä islendik hünär ugurly talyplar gatnaşdylar. Edil şonuň ýaly, Halkara filosofiýa olimpiadasynda hem A derejä filosofiýa, taryh we beýleki jemgyýetçilik taýýarlyk ugurlary boýunça okaýan, B derejä bolsa beýleki hünärlerde okaýan talyplar gatnaşdylar.

Halkara ykdysadyýet olimpiadasyna ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 25-sinden 438 talyp we daşary ýurtlaryň 13-siniň 30 sany ýokary okuw mekdebinden 615, jemi 1 müň 53 talyp gatnaşdy. Olardan 262-si baýrakly orunlara mynasyp bolup, medal we ýörite şahadatnamalar bilen sylaglandy. 262 medalyň 148-sini türkmen talyplary gazandylar. Halkara filosofiýa olimpiadasyna ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 25-sinden 480 talyp we daşary ýurtlaryň 13 sany ýokary okuw mekdebinden 119, jemi 599 talyp gatnaşdy. Olardan baýrakly orunlary eýelän 251 talyba medal we ýörite şahadatnamalar gowşuryldy. Bu bäsleşikde türkmen talyplarynyň 208 medala mynasyp bolmagy örän buýsandyryjydyr.

Umumylykda 1 müň 652 talyby özünde jemlän ykdysadyýet we filosofiýa olimpiadalaryna dünýäniň dürli ýurtlaryndan talyp ýaşlaryň gatnaşmagy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň bilim ulgamynda ýeten belent derejesiniň subutnamasydyr.

Düýn Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mejlisler zalynda Halkara ykdysadyýet we Halkara filosofiýa olimpiadalarynyň ýeňijilerine baýraklaryň gowşurylyş dabarasy boldy. Medallaradyr şahadatnamalara eýe bolan talyp ýaşlar bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz hoşallyk bildirdiler.

*Sülgün MYRATGELDIÝEWA,*
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*

AT — MYRAT

# GÜÝZKI AT ÇAPYŞYK MÖWSÜMI JEMLENDI

***Aşgabat atçylyk sport toplumynda güýzki at çapyşyk möwsüminiň jemleýji çapuwlary geçirildi. Şowhunly toýhanany ýada salýan toplumyň münberinde ahalteke bedewleriniň janköýerleri möwsümiň jemleýji çapuw gününde-de öz saýlan bedewlerini, çapyksuwarlaryny goldadylar. Şol gün bedewler dürli aralykdan on gezek çapuwa goşulyp, janköýerlerine toý şatlygyny getirdiler.***




Güýzki möwsümiň ýapylyşy mynasybetli guralan at çapyşyklary ikiýaşar atlaryň 1000 metr aralykdaky ýaryşy bilen badalga aldy. Şeýlelikde, birinji çapyşykda ýeňiş ugrundaky ýaryş Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Gazaply atly al, Akylly atly dor atlaryň hem-de Alabahar diýen dor gysragyň arasynda boldy. Çapyşykda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy M.Hojamuhammedowyň seýislän Gazaplysy (çapyksuwary P.Orazow) bellenen aralygy 1 minut 8,9 sekuntda geçip, iň gowy netijäni görkezdi.

Ikinji çapyşykda pellehana ilkinji bolup 1 minut 7,1 sekunt netije bilen «Nurana bedew» hususy kärhanasyna degişli bolan we B.Allanazarowyň ýaryşa taýýarlan hem-de geljegine uly umyt bildirilýän ýaş çapyksuwar Y.Allanazarowyň erk eden Aýsoltan diýen mele gysragy geldi. Üçünji çapyşykda ýeňiş ugrundaky ýaryş Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň «Akdaşaýak» ýaşaýyş jaý toplumyna degişli Atylar diýen dor at bilen M.Mätiýewiň hojalygyna degişli Messan diýen dor gysragyň arasynda boldy. Netijede, halypa seýis H.Babalyýewiň çapuwa taýýarlan we S.Atajanowyň çapyksuwarlyk etmeginde ýaryşa goşulan Atylar 1 minut 7,5 sekuntda pellehanadan geçip, çapyşygyň ýeňijisi boldy. Dördünji çapyşykda-da ikiýaşar saýlama atlar 1000 metrden ýaryşa goşuldylar. Netijede, pellehana ilkinji bolup M.Bäşimnyýazowyň hojalygyna degişli M.Orazowyň seýislän we üçünji derejeli çapyksuwar B.Berdimuhammedowyň çapyksuwarlyk eden Düşümli atly gurt mele gysragy geldi. Ol bellenilen aralygy 1 minut 9 sekuntda geçmegi başardy.

1600 metr aralyga guralan bäşinji çapyşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli, Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary A.Muhammedowyň seýislän we M.Kiçigulowyň erk eden Babyr diýen gara aty 1 minut 51,2 sekunt netije bilen pellehana ilkinji geldi. Altynjy çapyşykda üçýaşar gysraklar üçin badalgadan pellehana çenli aralyk 1800 metre deň boldy. Bu çapyşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy M.Agamyradowyň çapuwa taýýarlan we Ş.Saryýewiň çapyksuwarlyk eden Mejally diýen mele gysragy 2 minut 7,3 sekunt netije bilen pellehana ilkinji bolup geldi. Mejallynyň esasy garşydaşy Akýyldyz diýen mele gysrak hem edil şol netijäni görkezdi.

Ýedinji çapyşykda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna degişli, ussat seýis G.Agamyradowyň seýislän we B.Babaýewiň erk eden Ýadygär II diýen gyr aty pellehana ilkinji geldi. Sekizinji çapyşykdan başlap, dört we ulyýaşar atlar çapuwa goşuldylar. Şeýlelikde, 1800 metr aralykdan ýaryşa goşulan bedewleriň arasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli bolan Gajar diýen dor at tapawutlanmagy başardy. Gajary Türkmenistanyň at gazanan atşynasy M.Agamyradow ýaryşa taýýarlapdyr. Oňa erk eden çapyksuwar R.Agamyradow.

Dokuzynjy çapyşykda aýlaw baglan dört we ulyýaşar atlar üçin badalgadan pellehana çenli aralyk 2200 metre deň boldy. Şeýlelikde, bu çapyşyk Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Ş.Agamyradowyň seýislän we ussat çapyksuwar B.Agamyradowyň erk etmeginde çapuwa goşulan Goçýigit diýen dor atyň ýeňşi bilen tamamlandy. Möwsümiň ýapylyşy mynasybetli guralan bäsleşigiň jemleýji çapyşygynda dört we ulyýaşar saýlama bedewler 2200 metr aralykdan ýaryşa goşuldylar. Çapyşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli bolan Dagbedew möwsümi ýeňiş bilen jemledi. Türkmenistanyň at gazanan atşynasy M.Agamyradowyň seýislän hem-de ussat çapyksuwar T.Babaýewiň erk etmeginde ýaryşa goşulan Dagbedew bellenilen aralygy 2 minut 32,4 sekuntda geçmegi başardy.

*Narly NURYÝEW,*
*žurnalist.*

LUKMANYŇ MASLAHATY

# Gök önümleriň peýdasy

***Gök önümler ynsan saglygy üçin örän ýaramlydyr. Olaryň düzümi adam bedenine zerur bolan witaminlere juda baý. Her pasla mahsus bolan gök önümleri ýygy-ýygydan iýmek ynsanyň hemişe sagdyn, şähdaçyk bolmagyna täsir edýär. Ýöne arassaçylyk kadalaryny doly berjaý etmek zerurdyr.***



Ir-iýmişleridir gök-bakja önümlerini iýmezden ozal, olary akar suwuň aşagynda gowy ýuwup, soňra üstünden gaýnag suw akdyrmaly. Olary mümkin boldugyndan azyk önümleriniň söwdasy rugsat edilen dükanlardan we beýleki söwda nokatlaryndan satyn almaly. Çalt zaýalanýan gök önümleri 2-3 günüň dowamynda iýlip bilinjek mukdaryndan köp almaly däl.

Çagalara ter gök önümleri we olardan taýýarlanan iýmitleri günüň dowamynda az-azdan birnäçe gezek iýdirmeli. Sebäbi olar düzüminde dürli kesellere garşy durnuklylygy — immun ulgamyny berkidýän witaminleri, hususan-da C witamini köp mukdarda saklaýar. Gök önümleri iýýän çagalaryň ellerini ýygy-ýygydan sabynlap ýuwmagyna gözegçilik etmeli. Olaryň awtobusda, ulagda, köçede gök önümleri iýmeklerine ýol bermeli däl. Şeýle ýönekeý düzgünler berjaý edilen ýagdaýynda çagaňyz sagdyn ösüp, ýokanç kesellerden goranyp biler.

Suwda ýa-da dogralan görnüşde uzak wagtlap saklananda gök önümleriň we miweleriň düzümindäki witaminleriň aglaba bölegi ýitýär. Uzak wagtyň dowamynda iýmek niýet edilýän gök önümleri, miweleri we ir-iýmişi doňdurylan görnüşde saklamaly. Doň miwelerde we gök önümlerde witaminler konserwirlenen önümlerdäkä seredeniňde köpdür.

Gök önümleriň, miweleriň ýerli bolmagyna üns bermeli. Olardan taýýarlanylan püreler, miwe şireleri öý şertlerinde taýýarlanan bolmaly. Miwe şirelerini nahardan soň, suwuklyk hökmünde içmeli. Gök önümlerdäki peýdaly maddalary ýitirmän kabul etmek isleseňiz, nahary alýuminden, poslamaýan polatdan ýasalan gazanda ýa-da syrçaly pitide bişirmeli. Olary mümkin boldugyça gaýnan ýa-da buglanan görnüşde iýmeli.

Eger-de sagdyn we syrdam bolmak isleseňiz, bulary doly we dogry berjaý ediň!

*Oguljemal ORAZOWA,*
*Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň Ýokanç keselleri bejeriş-öňüni alyş merkeziniň lukmany.*

*Abuna — 2026*

**HORMATLY OKYJYLAR!**

2026-njy ýylyň birinji ýarymy üçin «Türkmenistan» gazetiniň çap edilýän görnüşine abuna ýazylyşyk dowam edýär. Gazetimiziň kagyz görnüşine abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň bölümlerine ýüz tutup bilersiňiz.

**Habarlaşmak üçin telefon belgileri:**
**93-17-36, 93-01-55, 93-28-55, 93-11-96.**

* * *

Siz «Türkmenistan» gazetine iki görnüşde — çap edilýän hem-de elektron görnüşdäki neşirler boýunça abuna ýazylyp bilersiňiz. Gazetimiziň elektron görnüşine turkmenmetbugat.gov.tm internet sahypasynyň hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynyň üsti bilen, «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bolýandygyny ýatladýarys.

**Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: 39-95-74.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan-gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-117444 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4 833001 500011



Bahasy 30 teňňe.